**TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET WE ILATY DURMUŞ TAÝDAN GORAMAK MINISTRLIGI**

**MINISTRY OF LABOUR AND SOCIAL PROTECTION OF POPULATION OF TURKMENISTAN**

**BUÝRUK** **ORDER**

**«** 12 **»** mart **20**20 **ý.** **№** 33-Ö

**Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijini tassyklamak hakynda**

“Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almagyň meseleleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 13-nji fewralynda çykaran 14 606-njy kararyndan gelip çykýan wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen buýurýaryn:

1. Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

“Ylalaşyldy”
Aşgabat şäheriniň häkimi
___________ Ý.Gylyjow
(goly)
“____” ______________ _______

“Ylalaşyldy”
Türkmenistanyň Içeri işler ministri
___________ M.Çakyýew
(goly)
“____” ______________ _______

“Ylalaşyldy”
Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri
___________ R.Gandymow
(goly)
“____” ______________ _______

“Ylalaşyldy”
Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri
___________ E.Annamuhammedow
(goly)
“____” ______________ _______

“Ylalaşyldy”
Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy
___________ M.Gurdow
(goly)
“____” ______________ _______

“Ylalaşyldy”
Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri
___________ N.Amannepesow
(goly)
“____” ______________ _______